# Agam ýaşyñ gutly bolsun

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Agam ýaşyñ gutly bolsun AGAM ÝAŞYŇ GUTLY BOLSUN

Ýagşy niýet – ýarym döwlet, ýagşa ýorup ýazaýyn,
Seljerip säw-säwlikleri, men howluga-howluga.
Agam ýaşyň gutly bolsun, men guwanyp gezeýin,
Gözüň düşsün, ýedi agtyk, ýetmiş sany çowluga.

Edep ber, öwüt akyl, sözlän sözüň bolsun nakyl,
Guwan nesle, ýene isle, şükürli bol, doga kyl,
Dowamat dowam bolsun, akly-durky, sagdyn şekil,
Çowluklaryňdan on-ondan, ýüzüň düşsün ýuwluga.

«Berdim» diýip, bersin Hudaý sagdyn ogul-gyzlardan,
Döwletli öý şowhun alsyn, şatlyk aýdym-sazlardan,
Kalbyň tämizläp, nurlansyn arşdaky owazlardan,
Nesibäň çeksin, ezizläp, lak atmaklyk gowluga.

«Çagaly öý bazar» diýlen, jagul-jugul daşyňda,
Bagtyňyza bile guwan gelnejemiň gaşynda,
Baryş-geliş, seýran eýle, ýaşyň ýüzden aşanda,
Balalaňdan nökerlen, çyksaň şikar-awlaga.

Artsyn alan abraýlaryň, yrylmasyn döwletiň,
Uzan ýerne ýetsin eliň, çekme, her kes minnetin.
Hudaý mydam nazar salsyn, gör rehnetiň hümmetin,
Ýapyşanyň ýardam bolsun, tutsaň-tursun şowluga.

Ýüz tutana ýüz beripler, ejizlere dalda sen,
Ýamanlygyň ýüzün görme, iliň-günüň goldasyn,
Iniň Ilmämmet sözleýär, gör, bagtyýar halda men,
Elli ýaşyň gutlap geldim, toý sag-aman sowluga.

17.02.2007.

Arçabil-Gökdere. Goşgular